Ýel elektrik stansiýalary ýerleşýän ýeri boýunça gury ýerde we deňizde gurnalan ýel elektrik stansiýalaryna bölünýär. Olaryň esasy aýratynlygy konstruktiw elementlerinde jemlenýär.

Hornsi (Hornsea ) deňiz ýel elektrik stansiýasy gury ýerde gurulmadyk dünýädäki iň uly ýel elektrik stansiýasydyr. 2604 MWt kuwwaty bolan bu stansiýany geljekde 6000 MWt çenli artdyrmak göz öňüne tutulýar. Ol Beýik Britaniýanyň Ýorkşir kenarýakasyndaky Demirgazyk deňzinde ýerleşendir. Bu ägirt uly ýel energetiki plantasiýa 4 sany iri ýel parkyndan ybaratdyr:

– Hornsea project one. Häzirki wagtda doly ulanyşa girizilen. Ol kuwwaty 1 GWt dan ýokary bolan ilkinji deňiz ýel elektrik stansiýasydyr. Ýel parky 407 kilometr kwadrat meýdany eýeläp, her biriniň gurnama kuwwaty 7 MWt bolan 174 sany  Siemens Gamesa ýel turbinalardan ybaratdyr. Bu ýel parkynyň jemi gurnama kuwwaty 1218 MWt barabar.

– Hornsea project two. Häzirki wagtda doly ulanyşa girizilen. Bu ýel parky Ýorkşor kenarýakasyndan 89 km uzaklykda ýerleşip 462 kilometr kwadrat meýdany eýeleýär. Ol her biriniň nominal kuwwaty 8000 kWt bolan  165 sany  Siemens Gamesa ýel turbinalardan ybaratdyr. Bu turbinalaryň rotorlarynyň diametri 167 m deň.

– Hornsea project three. Häzirki wagtda meýilnama esasynda gurnama işleri alnyp barylýar. Bu ýel parky 696 kilometr kwadrat meýdany eýeläp, umumy kuwwaty 2,4 GWt bolar diýip çaklanylýar. Üçünji bölümiň gurluşygy 2025 -nji ýylda tamamlanyp, ulanyşa giriziler.

– Hornsea project Four. Häzirki wagtda ylalaşyk işleri alnyp barylýar. Bu ýel parkynyň geljekki kuwwaty barada hiç hili maglumat ýok. Ýöne onuň guruljakdygy barada anyk maglumat bar.

**Orazgylyç Orazgeldiýew**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik-gurluşyk**
**institutynyň uly mugallymy**

Все права защищены